Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna
на 1 мая 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY

SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ
ÖSÜŞ ŞERTLERINDE BANK IŞJEŇLIGINIŇ ÜÝTGEMEGI
3

KARZ EDARALARYNYŇ SANLY BANK HYZMATLARY
GELJEGI NAZARLAÝAR
6

BANK HYZMATLARYNY KÄMILLEŞDIRMEKDE
SANLY YKDYSADYÝETIŇ ORNY
9

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
11

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
13

# SELJERIŞ MAKALALARY

## SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ÖSÜŞ ŞERTLERINDE BANK IŞJEŇLIGINIŇ ÜÝTGEMEGI

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmek hem-de milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda innowasion tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak boýunça ägirt uly wezipeler durmuşa geçirilýär.

Biz çalt ösýän sanly tehnologiýalaryň, adamlaryň ýaşaýyş, iş, söwda, haryt we hyzmatlary satyn alyşyny düýpgöter üýtgedýän dünýäde ýaşaýarys. Sanly tehnologiýalar jemgyýetleri özgertmek bilen, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda diýen ýaly öz täsirini dowam etdirýär. Şeýlelikde, tehnologiýanyň ösmegi dünýä ykdysadyýetiniň üýtgemeginiň esasy hereketlendirijileriniň biri bolup hyzmat edýär we häzirki zaman maliýe tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy maliýe bazarlaryny kämilleşdirmegiň esasy faktory bolup durýar.

Häzirki wagtda maliýe pudagy, şol sanda bank ulgamy, sanly esasy özgerişleri başdan geçirýär, bu işde iki esasy ugry tapawutlandyryp bolar: tehnologik kärhanalaryň (köplenç işe başlaýanlaryň) maliýe hyzmatlary bazaryna girmegi we adaty maliýe guramalaryny sanlylaşdyrmak; iş tejribesine täze häzirki zaman maliýe tehnologiýalaryny (iňlis «Fintech» sözünden gelip çykýar) işjeň ornaşdyrmak.

Internet bank ulgamlarynyň, sahypanyň ykjam görnüşleriniň, ulanyjynyň şahsy otagynyň bolmagy, hyzmatlaryň, meselem, serişdeleriň ýa-da hasabyň onlaýn dolandyrylmagy barada SMS habarnamalarynyň gelmegi, onlaýn tölegleri, şol sanda ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy üçin tölegleri, jerimeleri tölemek mümkinçiligi häzirki zaman bank ulgamy üçin adaty bir ýagdaýa öwrüldi. Şeýlelikde, adaty görnüşden düýpgöter tapawutly bank işewürlik modeliniň emele gelmegi we ösüşini tapawutlandyrmak bolar, bu ýerde esasy tarap diňe bir adaty senagat işewürleri, Fintech kärhanalarynyň çalt üýtgeýän bazar şertlerine çeýe we çalt uýgunlaşmagyny däl, eýsem, pudagyň işewürleriniň maliýe innowasiýalary bilen synag geçirmäge taýýarlyk derejesini aňladýar. Elbetde, täze maliýe kärhanalarynyň arasyndaky bäsdeşlik käbir innowasiýalaryň kämilleşmegine goşant goşýar.

Sanly maliýe tehnologiýalary tutuş ykdysadyýetiň keşbini çalt üýtgetmek bilen, täze önümleri (gurallary) we öň bar bolmadyk ugurlary döredýär. Eýýäm birnäçe ýyllardan bäri öz işini üstünlikli amala aşyrýan pudaklarda däp bolan amallar toplumyna üýtgeşmeler girizýär. Olaryň çalt ösmegi, adaty önümlere alternatiwleri hödürläp bilýän, işewürlik girdejililigini ýokarlandyrýan maliýe araçylary bilen özara gatnaşygy ýönekeýleşdirýär.

Maliýe tehnologiýalarynyň ösüşini iki ugra bölmek bolar:

- Fintech, islendik iş meýdanynda (uly maglumatlar (BigData), emeli intellekt (EI), blokirleme, senagat interneti, simsiz tehnologiýalar, AR/VR tehnologiýalarynda) ulanyp boljak ahyrky tehnologiýalaryň ösüşi hökmünde;
- Fintech, maliýe hyzmatlary pudagynda aýratyn amallary üýtgetmäge gönükdirilen «önümçilige gönükdirilen» tehnologiýalarynyň ösüşi hökmünde aňlatmak bolar.

Birnäçe ýyllaryň dowamynda işjeň ulanylýandygyna garamazdan, «Fintech» adalgasynyň takyk kesgitlemesi ýokdyr. Eger-de «Fintech» adalgasyna bar bolan çemeleşmeleri göz öňünde tutsak, onuň aýratynlyklaryny aşakdaky görnüşde belläp bileris:

- adaty maliýe guramalarynyň gatnaşmagynda önümiň ýa-da hyzmatyň gymmatynyň zynjyryny üýtgetmek;

- ahyrky ulanyjy üçin önümi ýa-da hyzmaty ýönekeýleşdirmek;
- çykdajylary azaltmak.

Şeýlelik bilen, «Fintech» düşünjesi diňe bir täze işewürler üçin däl, eýsem, adaty bazara gatnaşyjylar üçin hem ulanylýar. Adaty institutlarda, adatça, bank we bank däl maliýe we karz guramalary tapawutlandyrylýar: täjirçilik banklary, pensiýa gaznalary, maýa goýum gaznalary we ş.m.

Häzirki wagtda sanly üýtgeşmeler dünýädäki bank pudagy üçin ileri tutulýan strategiki ugra öwrüldi.

Gelkejde milli banklary bolmadyk maliýe ulgamynyň durmuşa ukyply boljakdygy barada pikirler hem hereket eder, haryt-pul gatnaşyklarynyň bar bolan şertlerinde banklar ösüşini dowam etdirerler. Şonuň üçin sanly maliýe tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy bank ulgamyny we sanly gurşawy birleşdirýän umumy giňişlik döretmek meselesini ýüze çykarýar.

Dürli ýagdaýlaryň täsirinyň netijesinde bank ulgamynyň üýtgemegini görkezýän mehanizm 1.1-nji suratda görkezilýär.

Sanly üýtgeşme, her bankyň ýüzbe-ýüz bolýan birnäçe ýagdaýyna baglydyr, emma kämillik derejesine baglylykda ösüşiň birnäçe tapgyryny tapawutlandyryp bolar.

Birinji tapgyrda, müşderi bilen özara gatnaşyklaryň sanly ugurlaryny (kanallaryny) işjeň ös-




**1.1-nji surat - Maliýe tehnologiýalarynyň ösüşinde bank ulgamyny üýtgetmegiň mehanizmi**

dürmek (bankomat torlary, internet bank işi, ykjam bank işi) işleri amala aşyrylýar.

Ekosistemanyň merkezinde bank üçin amatly wagtda islendik ugur (kanaly) arkaly aragatnaşyk saklamak isleýän ulanyjylar bardyr.

Ikinji tapgyrda, bulut tehnologiýalary we BigData täze önümleri (hyzmatlary) ösdürmek üçin ulanylýar, enjamlardan, wirtual kartalardan okalýan birmeňzeş sanly maglumatlaryň seljermesi esasynda müşderilere şahsylaşdyrylan maksatly teklipleri berýär. Bu tapgyr bölekleýin

tölegler we P2P geçirimleri üçin amaly ulgamlarda sanly önümleriň ösüşini öz içine alýar.

Üçünji tapgyr, sanly hyzmatlaryň doly aýlawyny döretmekdir. Banklar diňe adaty önümlerine sanly hyzmatlary goşmak bilen çäklenmän, işewürlik modellerini hem düýpgöter üýtgedýärler. Bu tapgyrda biometrik kesgitlemäni girizmek, ykjam bank arkaly amala aşyrylýan amallaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak, uzakdaky bank önümleriniň we hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek ýaly tehnologiki çözgütler işjeň ulanylýar.

Dördünji tapgyrda, «sanly beýni» diýilýän zat döredilýär, ol ähli iş böleklerinde, ugurlarynda, önümlerinde we hyzmatlarynda maglumatlary yzygiderli öwrenýär.

Netijede, ahyrky tapgyrda «sanly DNK» - bankyň bütin ömründe strategiki kararlar kabul etmek üçin täze koordinat ulgamy döredilýär. Bu ýerde banklar karar bermek işini çaltlaşdyrmak we strategiýany müşderä gönükdirmek maksady bilen gurluş we iş modellerini ýönekeýleşdirmäge gönükdirilen guramaçylyk üýtgeşmeleri bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Emma, ähli banklar üçin amatly ählumumy iş modeliniň ýokdugyny göz öňünde tutmalydyrys, şoňa laýyklykda bankyň kämillik derejesine, dolandyryş gurluşyna, hödürleýän hyzmatlar toplumyna baglylykda aşakdaky işleýän modelleriň bardygyny bellemek olar: döwlet derejesindäki, umumy hyzmatlar, sanly amal (1.2-nji surat).




**1.2-nji surat - Banklaryň iş modelleri**

Şeýlelikde, banklaryň işleýän täze ulgamynda karz beriji edaralaryň we müşderileriniň özüni alyp barşynda käbir üýtgeşmeler amala aşyrylýar diýip aýdyp bileris.

**Bahar ANNAGURBANOWA,**
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň «Kärhananyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy» kafedrasynyň uly mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty

## SELJERIŞ MAKALALARY

# KARZ EDARALARYNYŇ SANLY BANK HYZMATLARY GELJEGI NAZARLAÝAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylmy esaslara daýanýan ykdysady syýasat üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda maliýe-karz, býujet, salgyt, baha ugruny emele getirýän we döwrüň talaplaryna laýyk gelýän ösen bazar gatnaşyklaryna geçmegiň milli usuly işlenip taýýarlanyldy. Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli döwlet syýasatyndan ugur alnyp, işlenip taýýarlanylan Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň uzak we gysga möhlet üçin maksatnamalary ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň önümçilik binýadynyň senagatlaşdyrylmagyny, onuň häzirki zaman düzüminiň we ägirt uly serişde mümkinçilikleriniň esasynda halk hojalygynyň hil taýdan täze ulgamlarynyň döredilmegini esasy ugur edinýär.

Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzyň milli ykdysadyýetimiziň sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy bilen has-da döwrebaplaşdyrylmagy, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegi, ylmyň soňky gazananlarynyň ulanylmagy bilen uly işler durmuşa geçirilýär.

Şu günki gunde ýurdumyzda bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezilýär.

Karz edaralarynyň işiniň yzygiderli ösdürilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyply innowasion ösüşini üpjün etmekde, dünýä ykdysady giňişligine goşulyşmagynda, ilata edilýän bank hyzmatlaryny dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesine ýetirmeginde wajyp bolup durýar.

Häzirki zaman sanly ulgam arkaly bank hyzmatlaryny, elektron tölegleriň döwrebap görnüşleriniň ornaşdyrmagyny çaltlandyrmak we nagt däl hasaplaşyk ulgamyny has-da giňeltmek döwrüň talabydyr. Durnukly pul dolanyşygy üçin zerur bolan şertleriň döredilmegi, bank ulgamyna ynamyň we onuň özüne çekijiliginiň ýokarlandyrylmagy, berilýän karzlaryň netijeli bolmagyny hem-de wagtynda gaýtarylmagynyň üpjün edilmegi kanuny ýagdaýdyr.

Fiziki we ýuridik şahslaryň pul goýumlaryny çekmegiň we olary bermegiň mümkinçilikleriniň ýönekeýleşdirilmegi, banka bolan ynamy has-da artdyrýar, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan sanly ulgam arkaly bank hyzmatlaryny ösdürmek bilen bagly işleri mundan beýläkde yzygiderli esasda kämilleşdirilmegini şertlendirýär.

Şu nukdaýnazardan, bank hyzmatlary babatynda geçirilýän özgertmeleriň esasynda bank bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryň täze derejä çykmagy, ilkinji nobatda bolsa, müşderilere hyzmat edilişiniň tizliginiň artdyrylmagy hem-de hyzmat etmegiň dürli ugurlaryny peýdalanmak bilen, müşderileriň wagtynyň tygşytlanylmagy bank hyzmatlarynyň hil taýdan täze derejä çykmagynyň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzyň Garaşsyzlygy ýyllarynyň içinde dünýä tejribesi bilen sazlaşýan bank kanunçylygynyň mizemez binýady emele geldi. Bank ulgamynyň işini kadalaşdyrýan ýurduň hereket edýän kanunçylygynyň üsti Esasy Kanundan gözbaşyny alýan, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalar bilen sazlaşýan, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» we «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary we beýleki ençeme kadalaşdyryjy hukuk namalaryny gurşap alýar.

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýurduň Merkezi bankynyň işiniň, döwlet häkimýet edaralarynyň, karz edaralary bilen onuň özara gatnaşyk-

larynyň hukuk, guramaçylyk we ykdysady esaslaryny kesgitleýär hem-de Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmäge we pugtalandyrmaga gönükdirlendir. Daşary ykdysady gatnaşyklarynda pul kadalaşdyrmasyny we pula gözegçiligini özbaşdak we bank ulgamynyň üsti bilen guramak hem-de amala aşyrmak, ýurdumyzyň çäginde nagt pul dolanyşygyny guramak esasy wezipeleriniň hatarynda kesgitlenýär.

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimizi diwersifikasyýalaşdyryp ösdürmekde, öňde goýlan sepgitlere üstünlikli ýetmekde kabul edilen maksatnamalarynyň ähmiýeti örän uludyr. Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» ýurdumyzda bank ulgamynyň işini has-da döwrebap ösdürmek hem-de bu ulgama halkara bank tejribesiniň iň öňdebaryjy usulyýetini, ösen innowasion sanly tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, sanly töleg ulgamlaryny kämilleşdirmek işleri baş wezipeleriň biri hökmünde kesgitlendi.

Karz edaralarynda programma-tehniki serişdeler, sanly maglumat-aragatnaşyk serişdeleri we maglumat ulgamlary işjeň ornaşdyrylýar, onuň mümkinçiliklerinden ilat köpçüligi, bank müşderileri giňden peýdalanýarlar.

Netijede karz edaralarynda ornaşdyrylýan sanly ulgamyň giňden peýdalanylmagynyň binýadynda, karzlary bermek, maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek we dürli tölegleriň çalt we öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek, töleg-hasaplaşyk amallarynyň ähli görnüşlerini we nagt pul geçirimlerini gysga wagtyň içinde amala aşyrmak hyzmatlary işjeň ýagdaýda amala aşyrylýar.

Karz edaralary tarapyndan müşderileriniň banka bolan ynamyny has-da artdyrmak maksady bilen, pul-karz ulgamynyň işjeňligini ösdürmäge, goýum görnüşinde ilatdan çekilen erkin pul serişdelerini gaýtadan paýlamak arkaly ykdysady ösüşe täsirini ýokarlandyrmaga, pul dolanyşygynyň gerimini giňeltmäge giň mümkinçilikler döredilýär.

Bu bolsa öz gezeginde, sanly innowasion tehnologiýalara daýanýan bank hyzmatlaryny we önümlerini kämilleşdirmek arkaly, banklaryň müşderileriniň sanyny artdyrmaga, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmäge hem-de bar bolan harajatlary tygşytlamaga ýardam edýär.

Milli we halkara bank kartlary ýurdumyzyň raýatlary tarapyndan ýurduň içinde hem-de daşynda harytlar we hyzmatlar boýunça hasaplaşyklarda, syýahatçylyk bilen bagly işlerde, okuw tölegleri tölemek we beýleki maksatlar üçin işjeň ulanylýar.

Sanly ulgama geçilmegi, müşderilere edilýän sanly bank hyzmatlarynyň gerimini artdyrmaga, milli we halkara töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini giňeltmäge, karz edaralarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Bu bolsa karz edaralarynda ornaşdyrylýan döwrebap sanly bank hyzmatlaryna bolan ynamy has-da artdyrýar we gelejegi nazarlaýar.

Sanly innowasion tehnologiýalaryň we internet ulgamynyň ornaşdyrylmagynyň we ösdürilmeginiň netijesinde, harytlar satyn alnanda, hyzmatlar ýerine ýetirilende amala aşyrylýan nagt däl hasaplaşyk tölegleriniň möçberleri günsaýyn artýar.

Ilata hödürlenilýän nagt däl hasaplaşyklaryň hilini ýokarlandyrmak we gerimini giňeltmek boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde, halkara tejribesinde giňden ýola goýlan we ýurdumyzda hem ornaşdyrmak boýunça synagdan geçen täze döwrebap bank önümi bolan, ýagny QR-kod bank hyzmaty, galtaşyksyz töleg hyzmaty arkaly hasaplaşyklary ýerine ýetirmek hem karz edaralary tarapyndan ýola goýuldy.

Munuň özi islendik satyn alnan harytlar, ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin ykjam aragat-

naşyk ulgamynyň üsti bilen tölegleri geçirip bolýandygyny aňladýar. Bu işleriň ýola goýulmagy, ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň hem-de kabul edilen maksatnamaň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylynda milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmakda ýadawsyz tagallalary edýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, il-ýurt bähbitli tutumly işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Gülbahar TÄÇGULYÝEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň mugallymy

# BANK HYZMARLARYNY KÄMILLEŞDIRMEKDE SANLY YKDYSADYÝETIŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň derejesine ýetirmäge, ýurdumyzda ykdysadyýetiň sanly ulgamyny ösdürmäge gönükdirilen toplumlaýyn maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamynyň işine ösen maliýe tehnologiýalaryny ornaşdyrmak bilen internet torunyň üsti bilen maliýe, ätiýaçlandyryş, salgyt, pensiýa we bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak we bu ugurda hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmek esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, maliýe-bank ulgamynda nagt däl hasaplaşyklaryň ulgamy, elektron resminamalar dolanyşygy yzygiderli kämilleşdirilýär. Internet-bank, mobil-bank hyzmatlary ösdürilýär, şolaryň netijesinde-de bank amallary barada «müşderi-bank» ulgamy kämilleşdirilýär.

Bank ulgamynda ornaşdyrylýan innowasion tehnologiýalar häzirki zaman bankynyň keşbiniň emele gelmegine, bank hyzmatlarynyň hilini has-da ýokarlandyrmaga hem-de raýatlaryň talaplaryny has doly kanagatlandyrmaga oňyn şert döredýär. Sanly ykdysadyýet şertlerinde sanly bank ulgamyny ösdürmek, önümleri çalt bazara çykarmak we amaly teklipleri şahsylaşdyrmak üçin prosesleri tertipleşdirmek hem-de innowasion-guramaçylyk medeniýeti we çeýe IT çözgütleri üstünlikli ýerine ýetirmek dünýäniň öňdebaryjy pul-karz edaralarynyň işiniň esasy ugry bolup durýar. Häzirki wagtda bütin dünýäde bolşy ýaly, ýurdumyzda hem milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny sanlylaşdyrmak, hyzmatlary döwrebap talaplara laýyklykda ýola goýmak boýunça ägirt uly işler alnyp barylýar. Bank ulgamynyň kanunçylyk hukuk binýady hem yzygiderli kämilleşdirilýär, ilata hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň hili has-da ýokarlandyrylyp, olaryň elýeterliligi üpjün edilýär.

Türkmenistanyň milli bank ulgamynda bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hil taýdan täze derejä götermek, dünýä tejribesiniň öňdebaryjy usullaryny, innowasion tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, ilatyň erkin pul serişdelerini önümçilikde maýa goýumlary hökmünde ulanmak üçin goýumlar hökmünde banklara çekmek hem-de täze maliýe gurallaryny işläp taýýarlamak boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Sanly ykdysadyýet şertlerinde işleriň netijeli we döwrebap guralmagy üçin bank ulgamynyň enjamlaýyn programma üpjünçiligini kämilleşdirmek işleri dowam etdirilýär.

Maliýe ulgamyna ylmy-tehniki gazananlaryň ornaşdyrylmagy töleg serişdeleriniň we hasaplaşyklaryň ösmegine giň ýol açýar, hasaplaýyş maglumat tehnologiýalarynyň kämilleşdirilmegi netijesinde täze maliýe-hasaplaşyk gurallarynyň peýda bolmagy bilen bank hyzmatlary döwrebap häsiýete eýe bolýar.

Ýurdumyzda sanly tehnologiýalaryň ösmegi, kompýuter serişdeleriň ähli ulgamlarda ornaşdyrylmagy, pul dolanyşygynda serişdeleriň aýlanyş tizliginiň ýokarlanmagy, hasaplaşyklary geçirmekde çykdajylaryň azalmagy tölegleriň we hasaplaşyklaryň usullarynyň kämilleşdirilmegine mümkinçilik berýär.

Bank hyzmatlarynyň has kämil görnüşleriniň girizilmegi, bu ugurda daşary ýurt tejribesiniň düýpli öwrenilmegi, şeýle-de onuň milli ykdysadyýetimiziň aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulyp ýurdumyzyň bank ulgamyna ornaşdyrylmagy bank işiniň döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilmegine, hyzmatlaryň döwrebap görnüşleriniň döremegine, bank ulgamynyň müş-

derileriniň sanynyň yzygiderli artmagyna, milli banklaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

Ýurdumyzyň ministrliklerinde, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda ornaşdyrylýan maglumat ulgamlaryna bank hyzmatlary bilen bagly meseleler boýunça utgaşykly işler ýola goýulýar, täze tehnologiýalara esaslanýan hyzmatlary etmegiň gerimi giňeýär. Ýurdumyzda umumy pul dolanyşygynda nagt däl tölegleriň möçberini artdyrmak we netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça möhüm wezipeler durmuşa geçirilýär.

Sanly tehnologiýalaryň kömegi bilen täze bank önümleriniň geriminiň giňemegi, tölegleriň we hasaplaşyklaryň usullarynyň kämilleşdirilmegi, täze tehnologiýalaryň ösdürilmegi, sanly tehnologiýalara esaslanýan bank hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagy netijesinde döwrebap bank hyzmatlaryny müşderilere hödürlemäge, bank hyzmatlaryny menzilara ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hem bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, şeýle hem şahsy hojalygyny ýöredýän raýatlara goldaw bermek maksady bilen kiçi göwrümli karz hyzmatlary işjeň hereket edýär. Şeýle hem banklaryň internet saýtlary arkaly bank kartlaryny almaga isleg bildirýän raýatlar tarapyndan elektron ýüztutmalaryny menzilara kabul etmek we bu hyzmatlaryň tölegleri elektron görnüşinde tölemek hem-de karz almaga isleg bildirýän raýatlara bankyň internet saýty arkaly banka gelmezden elektron ýüztutmalaryny menzilara kabul etmek mümkinçiligi döredildi. Banklarda web saýtlar arkaly goýum goýmaklyga isleg bildirýän raýatlara goýumlaryň görnüşlerini hödürlemek we olaryň islegine görä goýjak goýumyna degişli boljak göterim girdejilerini hasaplap bermek mümkinçilikleri döredildi.

Onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy. Şonuň ýaly-da, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bu amal üçin zerur resminamalary elektron görnüşinde ugratmak, hyzmatlar üçin tölegi «Altyn asyr» bank karty arkaly amala aşyrmak hem mümkin.

Raýatlarymyza uzak aralykdan bank kartlaryny açmak, täzeden çap etmek boýunça arzalaryny elektron usulda kabul etmek we bu boýunça tölegleri onlaýn görnüşde «Altyn asyr» bank karty arkaly tölemek mümkinçiligi ýola goýuldy. Şeýle hem, karz almaga isleg bildirýän raýatlara ýüztutmalaryny onlaýn görnüşde resmileşdirmek, müşderä bu ýüztutmalarynyň ýagdaýy barada menzilara habar bermek hyzmatynyň kämilleşdirilen görnüşi, ýagny «onlaýn-kabulhana» döredildi. Geçirilýän bu işleriň ählisi sarp edilýän wagty we harajatlary tygşytlamaga, amallary öz wagtynda geçirmäge, goşmaça girdeji çeşmelerini emele getirmäge, şol sanda, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

**Ýusup MYRADOW,**
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag
kommunikasiýalary institutynyň «Kärhananyň ykdysadyýeti
we dolandyrylyşy» kafedrasynyň öwreniji mugallymy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2023-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 мая 2023 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2023-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 мая 2023 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2023-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 мая 2023 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.05.2022 | 01.01.2023 | 01.05.2023 | 01.05.2023<br>01.01.2023-e, %-de | 01.05.2023<br>01.05.2022-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **10** | **10** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **151** | *102,7* | *102,7* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | * | **6 562 437** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 562,8** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 584,1** | **6 782,9** | **6 939,1** | *102,3* | *105,4* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **8 187,05** | **16 389,77** | **13 251,28** | *80,9* | *161,9* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **81 043,58** | **88 926,48** | **89 692,90** | *100,9* | *110,7* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **39 753,05** | **41 735,64** | **39 553,57** | *94,77* | *99,5* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2023-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Arkadag<br>Аркадаг | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **24** | 3 | 9 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **151** | **16** | **26** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Gulluklaryň sany<br>Кол-во агентств | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **9** | 1 | | 2 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **23** | **1** | **2** | **4** | **4** | **10** | **2** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 мая 2023 г.

*müň manat / тыс. манат*

| Bellige alnan karz edaralar<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки | 2 200 537,9 | 31,71 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки | 1 884 030,3 | 27,15 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков | 4 571,0 | 0,07 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | 2 850 000,0 | 41,07 |
| **Jemi / Всего** | **6 939 139,2** | **100,0** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň aprel aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
### Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в апреле 2023 года

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года | 5,0 % |

## 2023-nji ýylyň aprel aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
### Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в апреле 2023 года

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц | 3,0 % |
